Türkmenistanyň Prezidenti Serdar BERDIMUHAMEDOW:
– YLYM WE BILIM JEMGYÝETIŇ HEM-DE DÖWLETIŇ HEMMETARAPLAÝYN SAZLAŞYKLY ÖSÜŞINI ÜPJÜN ETMEGIŇ BERK BINÝADYDYR.

XXI ASYR BILIM, YLYM ASYRYDYR

# MUGALLYMLAR GAZETI

Gazet 1952-nji ýylyň 11-nji ýanwaryndan bäri çykýar.

ESASLANDYRYJYSY — TÜRKMENISTANYŇ MINISTRLER KABINETI

2026-njy ýylyň 9-njy fewraly

№ 11 (10453)

DUŞENBE



## DURMUŞ-YKDYSADY ÖZGERTMELER ROWAÇLANÝAR

***6-njy fewralda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow sanly ulgam arkaly Ministrler Kabinetiniň nobatdaky mejlisini geçirdi. Onda şu ýylyň ýanwar aýynda ýurdumyzda alnyp barlan işleriň jemleri jemlenildi.***

Ilki bilen, Mejlisiň Başlygy D.Gulmanowa 2026-njy ýylyň ýanwar aýynda ýerine ýetirilen işler barada maglumat berdi.

Hormatly Prezidentimiz döwletimiziň hukuk binýadyny berkitmek, kanunçylygy döwrüň talaplaryna görä kämilleşdirmek boýunça alnyp barylýan işleri dowam etdirmegiň zerurdygyny belledi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary H.Geldimyradow şu ýylyň ýanwar aýynyň makroykdysady görkezijileri barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, ykdysadyýet, maliýe we bank toplumynyň işini kämilleşdirmegi dowam etdirmegiň möhümdigini aýtdy. Şunuň bilen baglylykda, döwlet Baştutanymyz wise-premýere ýurdumyzy ösdürmek boýunça 2026-njy ýylda bellenen wezipeleri üstünlikli durmuşa geçirmegi, jemi içerki önümiň ösüş depginini durnukly saklamak, pudaklary ösdürmek boýunça alnyp barylýan işleri ilerletmegi tabşyrdy.

Soňra Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasarlary B.Amanow, T.Atahallyýew, B.Annamämmedow, N.Atagulyýew gözegçilik edýän ugurlarynda şu ýylyň ýanwar aýynda alnyp barlan işleriň netijeleri barada hasabat berdiler.

Hormatly Prezidentimiz hasabatlary diňläp, ýerine ýetirilmeli möhüm wezipelere ünsi çekdi we wise-premýerlere anyk tabşyryklary berdi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Seýidowa gözegçilik edýän ulgamynda 2026-njy ýylyň ýanwar aýynda alnyp barlan işleriň netijeleri barada hasabat berdi.

Bellenilişi ýaly, hasabat döwründe 2026-njy ýylyň «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýyly diýlip yglan edilmegi, ýurdumyzyň Garaşsyzlygynyň 35 ýyllygy, milli senenamamyzda göz öňünde tutulan baýramçylyklar we belli seneler mynasybetli dürli medeni çärelerdir dabaralar geçirildi. Paýtagtymyzdaky kinoteatrlarda, kinokonsert merkezlerinde kino görkezilişleri hem-de konsertler geçirilip, kitaphanalarda, muzeýlerde, taryhy-medeni ýadygärlikler toplumlarynda medeni hyzmatlar hödürlenildi. Döwletimizde gazanylýan üstünlikler, ösüş-özgerişler baradaky maglumatlar metbugat sahypalarynda, teleradioýaýlymlarda, internet saýtlarynda giňden beýan edildi. Döwlet maksatnamalaryndan, sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň degişli Konsepsiýasyndan gelip çykýan wezipeleri ýerine ýetirmek boýunça zerur işler alnyp baryldy. Şeýle hem hasabat döwründe ýurdumyzda birnäçe halkara medeni çäreler geçirildi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, medeniýet ulgamynyň işini döwrüň talabyna görä guramagy dowam etdirmegiň möhümdigini belledi. Döwlet Baştutanymyz wise-premýere medeni mirasymyzy öwrenmek hem-de giňden wagyz etmek, taryhy-medeni ýadygärliklerimizi aýawly saklamak üçin zerur çäreleri görmegi tabşyrdy.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Orazdurdyýewa gözegçilik edýän ulgamlarynda şu ýylyň ýanwar aýynda alnyp barlan işleriň netijeleri barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, ýurdumyzyň ylym, bilim, saglygy goraýyş, sport ulgamlarynyň işini kämilleşdirmegi dowam etdirmegiň zerurdygyny aýtdy. Şunuň bilen baglylykda, döwlet Baştutanymyz wise-premýere bilim edaralarynda ýaşlara döwrebap ylym-bilim bermek işine aýratyn üns bermegi, saglygy goraýyş ulgamyny ösdürmekde halkara tejribeden ugur almagy, sporty ösdürmek, ussat türgenleri taýýarlamak boýunça alnyp barylýan işleri dowam etdirmegi tabşyrdy.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary, daşary işler ministri R.Meredow Daşary işler ministrligi tarapyndan şu ýylyň ýanwar aýynda ýerine ýetirilen işleriň netijeleri barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, wise-premýer, daşary işler ministrine dünýä döwletleri, abraýly halkara guramalar bilen gatnaşyklary ösdürmek boýunça alnyp barylýan işleri dowam etdirmegi, ýurdumyzda halkara çäreleri ýokary derejede guramaga hem-de geçirmäge möhüm ähmiýet bermegi tabşyrdy.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary M.Çakyýew gözegçilik edýän düzümlerinde 2026-njy ýylyň ýanwar aýynda ýerine ýetirilen işleriň netijeleri barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, milli ulag ulgamynyň maddy-enjamlaýyn binýadyny yzygiderli berkitmegi we döwrebaplaşdyrmagy dowam etdirmegiň möhümdigini belledi. Şunuň bilen baglylykda, döwlet Baştutanymyz wise-premýere ýolagçy we ýük dolanyşygyny, üstaşyr hem-de halkara ýük daşamalaryň möçberini artdyrmaga möhüm ähmiýet bermegi, ilata edilýän aragatnaşyk hyzmatlarynyň hilini ýokarlandyrmaga aýratyn üns bermegi tabşyrdy.

Soňra hormatly Prezidentimiz Ministrler Kabinetiniň agzalaryna ýüzlenip, şu ýylyň ýanwar aýynda alnyp barlan işleriň netijeleriniň Garaşsyz, baky Bitarap Watanymyzyň uly üstünliklere eýe bolýandygyna aýdyň şaýatlyk edýändigini belledi. «Ykdysadyýetimiziň pudaklarynda özgertmeler üstünlikli dowam edýär, önümçilik pudaklary yzygiderli döwrebaplaşdyrylýar, täze, döwrebap kärhanalary gurmaga we bar bolan kärhanalary döwrebaplaşdyrmaga uly möçberde maýa goýumlar gönükdirilýär» diýip, döwlet Baştutanymyz aýtdy.

Hormatly Prezidentimiz hasabat döwründe jemi içerki önümiň ösüş depgininiň 6,3 göterime deň bolandygyny kanagatlanma bilen belledi. Nebitgaz, söwda, ulag-aragatnaşyk toplumlarynda, oba hojalyk pudagynda netijeli işler durmuşa geçirilýär. Ylym, bilim, saglygy goraýyş we sport, medeniýet ulgamlarynda özgertmeler üstünlikli dowam etdirilýär. Şeýle-de häzirki wagtda täze senagat desgalarynyň, ýaşaýyş jaýlarynyň, dynç alyş we saglyk merkezleriniň, mekdepleriň, çagalar baglarynyň, beýleki desgalaryň gurluşygy üstünlikli alnyp barylýar.

Arkadagly Gahryman Serdarymyz sözüni dowam edip, ýurdumyzy mundan beýläk-de ösdürmek boýunça ýerine ýetirilmeli işleriň, amala aşyrylmaly çäreleriň we öňde durýan wezipeleriň köpdügine ünsi çekdi. Şunuň bilen baglylykda, döwlet Baştutanymyz indiki hepdede Ministrler Kabinetiniň giňişleýin mejlisiniň geçiriljekdigini, onda 2025-nji ýylda alnyp barlan işleriň jemleriniň jemleniljekdigini, kabul edilen maksatnamalaryň we berlen tabşyryklaryň ýerine ýetirilişiniň seljeriljekdigini, käbir beýleki meseleleriň ara alnyp maslahatlaşyljakdygyny belledi.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Ministrler Kabinetiniň sanly ulgam arkaly geçirilen mejlisini jemläp, oňa gatnaşanlara berk jan saglyk, maşgala abadançylygyny, berkarar Watanymyzyň gülläp ösmegi ugrunda alyp barýan işlerinde uly üstünlikleri arzuw etdi.

**«Mugallymlar gazeti».**

## KÖŇÜLLERI BUÝSANDYRÝAN TARYHY WAKALAR

***Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ata-babalarymyzdan gelýän asylly ýörelgeler mynasyp dowam edilýär we bedewlerimiziň şan-şöhraty dünýäni haýrana goýýar. Asyrlaryň jümmüşine uzaýan taryhy we medeni köklerimiz esasynda ahalteke bedewi türkmen tebigatyndan we zähmetsöýer halkymyzyň aýratyn zehininden gözbaş alýar. Ahalteke bedewlerini seýislemekde we tebigat bilen sazlaşykly kemala getirmekde pederlerimizden asylly ýörelgeler dowam edip gelýär.***

Mälim bolşy ýaly, «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýylynyň ilkinji günlerinde Monako Knýazlygynyň Monte-Karlo şäherinde 48-nji halkara sirk sungaty festiwaly geçirildi. Monte Karlo şäherinde geçirilen 48-nji halkara sirk sungaty festiwalyna «Galkynyş» milli at üstündäki oýunlar toparynyň we Türkmenistanyň Döwlet sirkiniň ýolbaşçylarynyň oňa hormatly myhman hökmünde gatnaşandygyny bellemek gerek. Halkara festiwalyň çäklerinde geçirilen dabaraly çärede «Galkynyş» milli at üstündäki oýunlar toparyna sirk sungatyna uly goşandy üçin Bütindünýä sirk federasiýasy hem-de Ýewropa Sirk assosiasiýasy tarapyndan halkara şahadatnamalar gowşuryldy. Bu taryhy wakalar ähli halkymyzda buýsanç döretdi. Hut şu mynasybetli geçirilýän dabaralar hem aýratyn many-mazmuna eýedir. Ýakynda Gahryman Arkadagymyzyň Köpetdagyň gözel künjeginde ýerleşýän Arkadag şäherinde bolup, «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýylynda «At — myrat» okuw merkezinde bilim we tälim alýan çagalar, «Galkynyş» milli at üstündäki oýunlar toparynyň agzalary bilen duşuşdy.

3

## BEÝIK ÖSÜŞLERIŇ ŞUGLASY

«Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýyly uly ruhubelentlige, şatlyk-şowhuna, üstünliklere beslenýär. Ösüşlerden-ösüşlere tarap bedew bady bilen öňe barýan eziz Diýarymyzda her bir pudakda uly üstünlikler gazanylýar, belent sepgitler eýelenýär.

Gahryman Arkadagymyzyň hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň taýsyz tagallalary netijesinde ata Watanymyzda beýik işler üstünlikli durmuşa geçirilýär. Mukaddes Garaşsyzlygymyzyň 35 ýyllygynyň dabaraly belleniljek, il-ýurt bähbitli beýik işleriň, umumadamzat ähmiýetli başlangyçlaryň rowaçlyklara beslenjek, belent maksatlaryň myradyna gowuşjak bu şan-şöhratly ýylymyzda ýurdumyzyň milli ykdysadyýetinde hem uly özgertmeler amala aşyrylar.

«Türkmenistanda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň 2026 — 2028-nji ýyllar üçin Konsepsiýasyna» laýyklykda, ýurdumyzda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň Döwlet maksatnamasy hem-de ony amala aşyrmak boýunça ýerine ýetirilmeli çäreleriň meýilnamasy işlenip taýýarlanyldy. Şoňa görä-de, ýakynda hormatly Prezidentimiz sanly ykdysadyýeti ösdürmek boýunça alnyp barylýan işleri dowam etmek maksady bilen, bu ugurda taýýarlanan degişli resminama gol çekdi.

2

## IL-ÝURT BÄHBITLI IŞLER

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýurdumyz rowaçlyklara beslenip, beýik ösüşler göwünleri galkyndyrýar. Bedew batly ösüşlere beslenýän ýurdumyzda alnyp barylýan giň göwrümli netijeli işler halkymyzyň bagtyýarlygyna, ýurduň gülläp ösmegine gönükdirilendir. «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» diýlip atlandyrylýan şöhratly ýylymyzyň her bir güni, her pursady ýatda galyjy toý-baýrama, şanly wakalara beslenýär. Bu hakykat ajaýyp döwrümiziň adyna mynasyp bagtyýarlyk döwri bolup, bu günki gün agzybir jemgyýetimiziň bagtyýarlygynyň, abadan döwletimiziň berkararlygynyň mizemezdiginden habar berýär.

Hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda köp sanly maýa goýum taslamalary üstünlikli durmuşa geçirilýär. Iň döwrebap we ýokary tehnologiýaly täze senagat kärhanalary yzygiderli gurulýar, durmuş-medeni maksatly desgalar bina edilýär. Hut şonuň netijesinde hem ýurdumyzyň binagärlik keşbi tanalmaz derejede özgerdi. Arkadag şäheri döwrebap mümkinçilikleri, sanly ulgamyň iň ýokary netijesini özünde jemläp, «akylly» şäher konsepsiýasynyň üstünlikli durmuşa geçirilýändiginiň aýdyň beýanyna öwrülýär.

Belent özgertmelere beslenýän häzirki ajaýyp döwrümizde halk bähbitli işler rowaçlanýar. Gahryman Arkadagymyzyň hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň taýsyz tagallalary netijesinde gülläp ösýän ýurdumyzda alnyp barylýan işler biziň her bir günümiziň rowaçlyklara beslenýändigininiň aýdyň beýany bolup taryha girýär.

2



# BEHIŞDI BEDEWLERIMIZIŇ ŞAN-ŞÖHRATY DABARALANÝAR

***4-nji fewralda türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow Arkadag şäherindäki Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasynda we Görogly adyndaky döwlet atçylyk sirkinde bolup, «At — myrat» okuw merkeziniň çagalary, «Galkynyş» milli at üstündäki oýunlar toparynyň agzalary bilen duşuşdy. Gahryman Arkadagymyz çagalaryň hem-de ýaşlaryň öňünde «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýylynyň başynda türkmen bedewleriniň şöhratynyň belende galýandygyny, milli sirk sungatynyň dünýä derejesine çykýandygyny alamatlandyran waka mynasybetli çykyş etdi.***

Ir bilen Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasynyň ýapyk manežine gelende, Milli Liderimizi akademiýanyň rektory P.Baýramdurdyýew we Halkara ahalteke atçylyk assosiasiýasynyň hem-de Halkara «Türkmen alabaý itleri» assosiasiýasynyň wise-prezidenti B.Rejepow mähirli garşyladylar.

Ýapyk manežde «At — myrat» okuw merkeziniň çagalary Gahryman Arkadagymyzy şatlyk-şowhun bilen mübäreklediler. Merkeziň ýolbaşçysy öz aralaryna gelip, bu ýerde alnyp barylýan işler bilen gyzyklanýandygy we ýaşlara milli atşynaslyk däplerini ylmy esasda öwretmek ugrunda döredilýän şertler üçin Gahryman Arkadagymyza hem-de hormatly Prezidentimize hoşallyk bildirdi.

Halk Maslahatynyň Başlygy bu ýerde bilim alýan çagalaryň okuwlary, olaryň milli atşynaslyk däplerini çuňňur özleşdirmekleri babatda alnyp barylýan işler bilen gyzyklandy.

Merkeziň ýolbaşçysy milli we dünýä atçylyk sungatynyň usullaryny, iňlis, rus dillerini, matematika, himiýa derslerini özleşdirmek, çagalaryň kompýuter sowatlylygyny ýokarlandyrmak boýunça toplumlaýyn esasda geçilýän okuwlar barada giňişleýin maglumat berdi.

Milli Liderimiz «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýylynda merkezde bilim alýan çagalar bilen duşuşmak üçin ýörite gelendigini aýtdy.

Milli Liderimiz bu ýerde çagalaryň atçylyga degişli hünärleri saýlap almaklary üçin hemme mümkinçilikleriň döredilendigini aýdyp, olarda bedewlere söýgini artdyrmak maksady bilen, okuw merkezine Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň adyndan 1 million 500 müň manat möçberinde pul sowgadynyň berilýändigini aýtdy.

Gahryman Arkadagymyz ata höwesli ýaşlara nyýetlenen sowgady gowşurdy we «Sylaglaryňyz gutly bolsun, nesip etsin!» diýip, olara hoşniýetli arzuwlaryny beýan etdi.

«At — myrat» okuw merkeziniň ýolbaşçysy we bu ýerde bilim alýan ýaşlar bildirilen hormat-sylag üçin Gahryman Arkadagymyza hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyza tüýs ýürekden çykýan hoşallyklaryny beýan etdiler.

Soňra Gahryman Arkadagymyz merkeziň ýolbaşçylarynyň we okuwçylaryň haýyşy boýunça olar bilen iki sany bedewiň ýanynda ýadygärlik surata düşdi.

Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy merkezde bilim alýan ýaşlara milli atşynaslyk däplerini içgin özleşdirmekde we ony has-da ösdürmekde uly üstünlikler arzuw edip, bu ýerden Arkadag şäheriniň Görogly adyndaky döwlet atçylyk sirkine tarap ugrady.

Görogly adyndaky döwlet atçylyk sirkine gelende, Gahryman Arkadagymyz «Galkynyş» milli at üstündäki oýunlar toparynyň agzalary tarapyndan mähirli garşylandy. Milli Liderimiz toparyň agzalary bilen mähirli salamlaşyp, olary «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýylynyň ilkinji günlerinde gelip gowşan hoş habar bilen tüýs ýürekden gutlady.

Hormatly Arkadagymyz ir bilen Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasynyň «At — myrat» okuw merkeziniň çagalary bilen duşuşandygyny, olara Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň adyndan sowgatlary gowşurandygyny belledi. «Hormatly Prezidentimiz ýurdumyzda atçylygy we atçylyk sportuny ösdürmäge uly üns berýär. Atşynaslarymyzyň işlerini döwrebap alyp barmaklary, «Galkynyş» toparynyň üstünlikli çykyş etmegi üçin ähli şertleri döredýär» diýip, türkmen halkynyň Milli Lideri sözüni dowam etdi.

«Türkmen milli atçylyk sungatynyň at-abraýyny belende galdyrmakda alyp barýan işleriňiz üçin hormatly Prezidentimiz sizi gutlap, öz minnetdarlygyny bildirdi. Döwlet Baştutanymyz toparyň maddy-enjamlaýyn binýadyny berkitmek maksady bilen, sizi 3 million manat bilen sylaglamak barada karara geldi» diýip, Gahryman Arkadagymyz degişli çözgüdi mälim etdi.

Milli Liderimiz «Şa serpaýyňyz gutly bolsun! Nesip etsin!» diýip, «Galkynyş» milli at üstündäki oýunlar toparynyň ýolbaşçysyna onuň agzalarynyň mynasyp bolan sylagyny hem-de bu toparyň agzalarynyň her birine nepislik bilen ýasalan at eýerlerini gowşurdy.

«Galkynyş» milli at üstündäki oýunlar toparynyň ýolbaşçysy milli atçylyk sungatyny dünýä ýaýmak we ony ösdürmek ugrunda döredilýän mümkinçilikler, döwlet tarapyndan berilýän goldaw hem-de Şa serpaýy üçin toparyň agzalarynyň we ähli atşynaslaryň adyndan hormatly Prezidentimize hem-de Gahryman Arkadagymyza hoşallyk sözlerini beýan etdi. Şeýle-de ol türkmen atçylyk sungatyny mundan beýläk-de ösdürmek, halkara derejede geçirilýän bäsleşiklere işjeň gatnaşyp, milli atşynaslyk ýörelgeleriniň, ahalteke atlarynyň abraýyny belende galdyrmak ugrunda ähli tagallalaryny gaýgyrmajakdyklaryna ynandyryp, Gahryman Arkadagymyzdan özleri bilen ýadygärlik surata düşmegini haýyş etdi.

Türkmen halkynyň Milli Lideri manežde Garaşsyz atly ajaýyp bedewe atlanyp, olaryň arasyna geldi. Toparyň agzalary Gahryman Arkadagymyzyň daşynda jem bolup, bilelikde ýadygärlik surata düşdüler.

Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy bedewe atlanyp, manežiň aýlawynda öwrüm etdi. Ynsan gylykly bedew aýaklary bilen gelşikli oýun edip, ynsan bilen bedewiň arabaglanyşygyny äşgär etdi. Soňra Gahryman Arkadagymyz toparyň agzalaryna Garaşsyz atly ajaýyp bedewi sowgat hökmünde gowşurandygyny aýtdy.

Milli Liderimiz toparyň düzüminde oglanlar bilen birlikde, gyzlaryň hem çykyş edýändigini, olaryň bilelikdäki yhlasyndan ahalteke bedewleriniň şöhratynyň dünýä dolýandygyny, bu agzybirligiň, ýaşlyk yhlasynyň halkymyz üçin örän buýsançlydygyny nygtady.

Soňra Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow Görogly adyndaky döwlet atçylyk sirkinde Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasynyň rektory P.Baýramdurdyýewiň we Halkara ahalteke atçylyk assosiasiýasynyň hem-de Halkara «Türkmen alabaý itleri» assosiasiýasynyň wise-prezidenti B.Rejepowyň gatnaşmagynda iş maslahatyny geçirdi. Onda atçylyk bilen baglanyşykly meseleler ara alnyp maslahatlaşyldy.

Milli Liderimiz atçylyk ugry boýunça şu ýylyň dowamynda geçiriljek çäreleriň meýilnamasynyň taýýarlanylýandygyna, onda kesgitlenen wezipeleri üstünlikli ýerine ýetirmek babatda ähli zerur tagallalaryň edilmelidigine ünsi çekdi. Şeýle hem Gahryman Arkadagymyz atşynaslyk ýörelgeleriniň, at bilen ykbalyňy baglamagyň, bedewleri ösdürip ýetişdirmegiň özboluşly sungatdygyny, sungatyň bolsa müdimidigini belläp, bu ugurda alnyp barylýan işleriň geljek nesillere ýetirilmegi, onuň dowamata atarylmagy ugrunda zerur işleriň geçirilmelidigini aýtdy.

Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gahryman Arkadagymyz hemmelere alyp barýan asylly işlerinde mundan beýläk-de uly üstünlikleri arzuw etdi we bu ýerden ugrady.

**«Mugallymlar gazeti».**

## BEÝIK ÖSÜŞLERIŇ ŞUGLASY

1 Şol resminama laýyklykda, «Türkmenistanda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň 2026 —2028-nji ýyllar üçin Döwlet maksatnamasy» hem-de ony amala aşyrmak boýunça ýerine ýetirilmeli çäreleriň meýilnamasy tassyklandy. Munuň özi sanly ykdysadyýete geçmäge, milli emeli aň strategiýasyny taýýarlamaga, pudaklarda emeli aň bilen bagly tehnologiýalary ornaşdyrmaga we kämilleşdirmäge, bu ugurda hünärmenleri taýýarlamaga, olaryň hünär derejelerini yzygiderli ýokarlandyrmaga ýardam berer.

Ýurdumyzda sanly ykdysadyýeti ösdürmek işlerini mundan beýläk-de kämilleşdirmek boýunça hormatly Prezidentimiziň tassyklan Döwlet maksatnamasy hem-de ony amala aşyrmak boýunça ýerine ýetirilmeli çäreleriň meýilnamasy esasynda maliýe-ykdysadyýet ulgamyny bazar gatnaşyklary hem-de sanlylaşdyrmak esasynda özgertmek babatynda toplumlaýyn wezipeler üstünlikli amala aşyrylýar.

Ýurduň ykdysady kuwwatlylygyny ösdürmekde, berkitmekde Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň tagallasy bilen alnyp barylýan beýik işleriň netijesinde, halkyň hal-ýagdaýy barha gowulanýar. Halkymyzyň bagtyýar, abadan hem-de eşretli durmuşda ýaşamagy, okamagy, zähmet çekmegi üçin giň mümkinçilikleri döredýän, taýsyz tagallalary edýän Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak bolsun, beýik işleri hemişe rowaçlyklara beslensin!

**Jahansoltan SARYJAÝEWA,**
**Halkara ynsanperwer ylymlary we ösüş uniwersitetiniň mugallymy.**

## IL-ÝURT BÄHBITLI IŞLER

1 Ýurdumyzy has-da ösdürmäge gönükdirilen maksatnamalar üstünlikli durmuşa geçirilýär. Şeýle beýik özgertmeleri bilim ulgamynda hem aýdyň görýäris. Mälim bolşy ýaly, ýaş nesilleriň bilim öwrenmekleri üçin iň döwrebap mümkinçilikler döredilýär. Halkara senagatçylar we telekeçiler uniwersitetiniň ajaýyp binasyny, bu ýerde döredilen giň mümkinçilikleri aýratyn nygtamak gerek. Çünki munuň özi bilim ulgamyny has-da ösdürmekde iň täze okuw binalaryň gurlup ulanmaga berilýändiginiň beýany bolup durýar.

Başymyzyň täji, gözlerimiziň röwşeni ata Watanymyzda eýelenýän şeýle ýokary sepgitler, gazanylýan üstünlikler, ilkinji nobatda, halkymyzyň agzybirliginiň, jebisliginiň, asylly ýörelgesiniň barha rowaçlanýandygynyň nyşanydyr. Agzybirlik, jebislik we bitewülik ýörelgesi ýurdumyzda döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugry bolup durýar. Ähli üstünliklerimiziň hem rowaçlyklarymyzyň seresi bolan bu mukaddes ýol-ýörelgäniň häzirki ajaýyp zamanamyzda has-da pugtalanýandygynyň şaýady bolmak her bir ildeşimiz üçin guwandyryjydyr.

Goý, Gahryman Arkadagymyzyň hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň halkymyzyň bagtyýar durmuş derejesiniň üpjün edilmegine, ýurdumyzyň gülläp ösmegine gönükdirilen beýik işleri mundan beýläk-de rowaçlyklara beslensin!

**Perman SAPAROW,**
**Türkmenistanyň Mejlisiniň Durmuş syýasaty baradaky komitetiniň baş hünärmeni.**

## SPORT — ÜSTÜNLIK, RUHUBELENTLIK, DOSTLUK

***«Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan – bedew batly at-myradyň mekany» ýyly taryhy wakalara beslenýär. Şeýle şanly wakalar sportda hem aýratyn ähmiýete eýedir. Sport we bedenterbiýe sagdynlygyň we dostlugyň gözbaşy hasaplanýar. Geçirilýän sport çäreleri, dürli ýaryşlar halklaryň arasyndaky dost-doganlygy üpjün edýär. Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň tagallalary bilen ýurdumyz sport ýurdy hökmünde dünýäde giňden tanalýar. Bu günki günde ýurdumyzda dürli sport çäreleri, halkara derejesindäki sport oýunlary geçirilýär. Ýurdumyzyň «Arkadag» futbol topary dünýäde uly meşhurlyga eýe bolup, sport muşdaklarynyň ünsüni özüne çekýär. Sportda ýokary üstünlik görkezýän «Arkadag» futbol topary birnäçe halkara derejedäki duşuşyklary geçirip, üstünlik gazandy.***





Mälim bolşy ýaly, paýtagtymyzda 11-nji fewralda AFK-nyň II Çempionlar ligasynyň 1/8 finalynyň çäginde geçiriljek «Arkadag» — «Al-Nassr» duşuşygyna ýokary derejede taýýarlyk görülýär. Sportuň we sagdynlygyň şäheri Aşgabadyň çar künjegi futbol baýramçylygynyň ruhunda bezeldi. Paýtagtymyzda geçiriljek «Arkadag» — «Al-Nassr» duşuşygynyň örän gyzykly we täsirli boljakdygyny sport hünärmenleri aýratyn belleýärler. Bu bolsa ýurdumyzyň sport bilen baglanyşykly abraý-mertebesiniň barha artýandygyny beýan edýär. Hakykatdan-da, sport dost-doganlygyň binýadydyr. Şonuň üçin hem ýurdumyzda geçirilýän halkara derejedäki sport ýaryşlary dost-doganlygy berkidýär, ýaşlary belent üstünliklere ruhlandyrýar.

Häzirki ajaýyp döwrümizde köpçülikleýin bedenterbiýe-sagaldyş hereketine aýratyn ähmiýet berilýär. Eziz Diýarymyzda iri ýaryşlaryň yzygiderli guralmagy türkmen türgenleriniň bütindünýä sport hereketindäki işjeňligini artdyrýar. Sagdyn durmuş ýörelgesine eýerýänleriň, esasan, ýaşlaryň hatarynyň artmagyny şertlendirýär. Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň tagallalary netijesinde halkymyzyň saglygynyň berkidilmegi, ilatyň, aýratyn-da, ösüp gelýän ýaşlaryň arasynda köpçülikleýin bedenterbiýäniň wagyz edilmegi ugrunda alnyp barylýan işler oňyn netijesini berýär. Adamlaryň abadan hem-de asuda durmuşy sagdynlykdan, ruhubelentlikden gözbaş alýar. Şunda, ilki bilen, sportuň adam üçin näderejede gymmatlydygy we işjeňligi aýdyň ýüze çykýar. Şu nukdaýnazardan häzirki döwürde sportuň dürli görnüşleri döwlet derejesinde ösdürilýär.

Bu gün bolsa ýurdumyzda sportuň futbol görnüşine uly ähmiýet berilýär. Futbol boýunça geçirilýän duşuşyklaryň üstünliklere beslenmegi hem muny aýdyň beýan edýär. Ýurdumyzda köpçülikleýin bedenterbiýe-sagaldyş hereketiniň giň gerime eýe bolmagy adam saglygy hakynda edilýän aladanyň aýdyň mysalydyr. Sport we bedenterbiýe çäreleriniň geçirilmegi bolsa Watanymyzyň şan-şöhratyny dünýä ýaýmaga, dost-doganlyk gatnaşyklarymyzy pugtalandyrmaga ýardam edýär.

Häzirki wagtda paýtagtymyzyň bezeglerinde sporty wagyz edýän, futbol oýunlaryna gyzyklanmany artdyrýan görnüşleri görmek bolýar. Bu bezegler dost-doganlyk ruhuny, sportuň parahatçylygyň ýoludygyny, ajaýyp futbol baýramçylygynyň şatlygyny dünýä ýaýýar. Bu gün «Arkadag» hem-de «Al-Nassr» toparlarynyň duşuşygyna ähli ildeşlerimiz, sport muşdaklary ruhubelentlik bilen garaşýar. Munuň özi ildeşlerimiziň sporta we dost-doganlyga aýratyn ähmiýet berýändigini alamatlandyrýar. Hut şonuň üçin hem milli sportumyzyň bedew batly gadamlary barha batlanýar. Bularyň ählisi Gahryman Arkadagymyzyň sport diplomatiýasynyň hormatly Prezidentimiziň saýasynda dowamat-dowamdygyndan habar berýär.

**Ogulbeg ÖWEZOWA,**
**Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň uly mugallymy, jemgyýeti öwreniş ylymlary kafedrasynyň müdiri.**

# KÖŇÜLLERI BUÝSANDYRÝAN TARYHY WAKALAR

Bularyň ählisi «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýylynyň taryhy wakalarydyr, belent üstünlikleridir. Türkmen bedewi ajaýyp zynaty, gylyk-häsiýeti bilen aýratyn tapawutlanýar. Türkmen bedewi Ýer ýüzüniň atçylyk sungatyny asyrlara alyp gidýär. Ahalteke bedewi özi barada ähli taryhy çeşmelerde mähirli ýatlama goýýar. Ol dünýäniň medeni giňişliginde owadanlygyň ajaýyp nusgasyny görkezýär hem-de düşbüligi bilen özüni tanadýar. Sirk sungatynda hem ýyndam hem-de ajaýyp atlarymyzyň owadanlygy dünýä muşdaklarynyň, ähli adamlaryň ünsüni çekýär. Şonuň üçin hem bu ajaýyp türkmen bedewlerine buýsanjymyz has-da ýokarydyr.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň tagallalary netijesinde dünýä ýüzünde täsinligi bilen meşhurlyga ýeten, at-owazasy äleme dolan bedewlere ýokary derejede üns berilýär. «Galkynyş» milli at üstündäki oýunlar toparynyň ajaýyp çykyşlary ahalteke bedewleriniň gözelligini, owadanlygyny, düşbüligini äleme aýan edýär. Şeýle şanly wakalar hem-de beýleki köp halkara başlangyçlar muňa aýdyň mysaldyr. Türkmen halkynyň at-owazasy dünýä dolan ahalteke bedewleri ynsan durmuşynyň ähli pursatlarynda aýratyn orun eýeleýär. Şol jähetden-de olara «Türkmen atlary», «Ganatly bedewler», «Behişdi bedewler» ýaly ençeme buýsançly sözler bilen ýüzlenilýär. Şu nukdaýnazardan-da, türkmen özüniň behişdi bedewlerine milli gymmatlyk, milli buýsanç hökmünde garaýar. Bu günki gün dünýä türkmen halkyny ata Watanyny, behişdi bedewini ähli zatdan eý görýän millet hökmünde giňden tanaýar. Şeýlelikde, bedew halkymyzyň hemişelik iň ýakyn dosty, wepaly ýoldaşy hem-de syrdaş dosty bolmagynda galýar.

Şeýle behişdi bedewlerimiziň abraý-mertebesini dünýä ýaýýan «Galkynyş» milli at üstündäki oýunlar toparynyň ussatlaryna halkymyz buýsançly sözlerini beýan edýär. Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň tagallalary netijesinde gazanylýan üstünlikler biziň her birimiziň ýürek törümizde buýsanç döredýär. Milli gymmatlyklarymyzyň, behişdi bedewlerimiziň şan-şöhratyny dünýä ýaýýan Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag bolsun, beýik işleri üstünliklere beslensin!

**Baba MYRATBERDIÝEW,**
**Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň kärdeşler arkalaşygynyň ilkinji guramasynyň başlygy.**

# ATYM BAR — GANATYM BAR

Häzirki ajaýyp döwrümiziň beýik ösüşleriniň depgini bedew badyna deňelýär. «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýylymyz taryhy wakalara, şanly dabaralara beslenýär. Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň taýsyz tagallalary netijesinde eziz Diýarymyzda il-ýurt bähbitli beýik işler alnyp barylýar.

Ýakynda türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň «akylly» şäher adyna mynasyp bolan Arkadag şäherindäki Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasynda we Görogly adyndaky döwlet atçylyk sirkinde bolup, «At — myrat» okuw merkeziniň çagalary, «Galkynyş» milli at üstündäki oýunlar toparynyň agzalary bilen duşuşmagy ildeşlerimizde ýakymly täsirleri galdyrdy.

Gahryman Arkadagymyz Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasynyň garamagyndaky «At — myrat» okuw merkezinde bilim alýan çagalaryň okuwlary bilen gyzyklanyp, ol ýerde ýaşajyk atşynaslaryň milli atşynaslyk däplerini çuňňur özleşdirmekleri babatda alnyp barylýan işler bilen tanyşmagy buýsandyryjy waka boldy. Bu okuw merkezinde okaýan zehinli çagalara milli we dünýä atçylyk sungaty boýunça alýan bilimlerini çuňlaşdyrmak üçin ägirt uly mümkinçilikleriň döredilmegi ösüp gelýän ýaş nesilde bu ugra bolan gyzyklanmany has-da artdyrýar.

Toý-baýramlarymyzyň bezegi, milli buýsanjymyz bolan bedewleriň sarpasy «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýylymyzda has-da dabaralanýar. Hormatly Prezidentimiziň yzygiderli tagallasy netijesinde asyrlaryň, nesilleriň arabaglanyşygyny özünde jemleýän milli ýörelgelerimiz bu günki günde giňden wagyz edilýär. Milli gymmatlyklarymyzy wagyz etmäge giň mümkinçilikleri döredýän Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak bolsun!

**Şeker ARAZBERDIÝEWA,**
**Beki Seýtäkow adyndaky Mugallymçylyk mekdebiniň mugallymy.**

## BILIM IŞGÄRLERINIŇ iş tejribesinden

### KÖRPELERE ŞEKILLENDIRIŞ SUNGATYNY ÖWRETMEK

Çagalar bakja-baglarynda şekillendiriş sungaty boýunça guralýan sapaklar we gyzyklanma çäreleri körpeleriň daş-töweregi gurşap alýan hadysalara düşünmek ukyplarynyň ösmegine ýardam edýär. Çagalaryň erk-isleginiň, döredijilik başarnyklarynyň, gözellik duýgularynyň ösmeginde şekillendiriş işleriniň orny aýratyndyr. Surat çekmek, şekil ýasamak işlerine çagalar höwesli gatnaşýarlar. Çagalaryň döredijilik işlerini barlamak we bahalandyrmak bolsa, olarda şekillendiriş işlerine bolan gyzyklanmany artdyrýar.

Bakja toparynyň 2—3 ýaşly körpelerine zadyň reňkini esasy alamat hökmünde görmegi we şekillendirmegi öwredýäris. Çagalar şekilleri ýasamakda plastilinler, dürli reňkli galamlar, reňkli kagyzlar bilen tanyşdyrylýar. Bular bilen nähili işlemelidigi barada öwredilýär. Meselem, plastilinden gök önümleriň şekillerini ýasamak üçin nähili usulda çemeleşilmelidigi öwredilýär. Munda çagalar reňkler bilen hem tanyşdyrylýar. Şeýle hem dürli oýnawaçlaryň şekillerini ýasamak öwredilýär. Olara degişli reňkler barada düşünje berilýär.

**Gültäç ÝARANOWA,**
**Aşgabat şäherindäki 113-nji çagalar bakja-bagynyň terbiýeçisi.**

### ÝÖNEKEÝ HASAPLAMALAR BILEN IŞLEMEK

Körpeleriň bilesigelijiligi ýokary bolýar. Ýönekeý matematiki hasaplamalary öwretmek sapaklarynda dürli mysallara ýüzlenmek bilen, olaryň gyzyklanmalaryny artdyrýarys. Mekdebe taýýarlaýyş toparlarynda çagalara ýeňil mazmunly meseleleri hem hödürleýäris. Bu meseleleri çagalar üçin gyzykly bolaýjak täzelikleri, wakalary, geometrik şekilleri, reňkleri, haýwanlary, ösümlikleri hasap görnüşinde peýdalanmak bilen düzýäris.

Şeýle hem sapagyň dowamynda haýwanlary tanamak endikleriniň kämilleşmegi üçin öý haýwanlarynyň seslerini multimedia tagtasynda eşitdirýäris. Sesi tanalan öý haýwanynyň şekilini multimedia tagtasynda görkezýäris. Sesleriň we şekilleriň üsti bilen çagalar öý haýwanlarynyň birnäçesi bilen tanyş bolýarlar. Olaryň saklanylyşy, iýmitlendirilişi we adamlar üçin peýdaly taraplaryny hem gürrüň berýäris. Şol pursatda multimedia tagtasyndaky haýwanlara degişli matematiki soraglary hem berýäris. Mysal üçin: «Sygryň näçe şahy bar?», «Geçide näçe aýak bar?», «Altynyň towuklaryny sanalyň!»... we başga-da köp sanly soraglary çagalara hödürleýäris. Çagalar sapaga işjeň gatnaşýarlar. Şekiller bilen işlemek bolsa, sapagy has hem täsirli guramaga ýardam edýär.

**Mähri IŞANNUROWA,**
**Arkadag şäherindäki 5-nji çagalar bakja-bagynyň terbiýeçisi.**

# Bilim röwşen geljegimizdir

***Bedew bady bilen ösüşiň täze belentliklerine tarap öňe barýan eziz Diýarymyzda amala aşyrylýan işleriň her biri buýsanç duýgularymyzy goşalandyrýar. Hormatly Prezidentimiziň tagallasy bilen amala aşyrylýan bu tutumly işleriň netijesinde Watanymyzyň berk binýady kemala gelýär. Bu giň möçberli özgertmeler halkymyzyň ösüşli geljegi hakyndaky aladalara ýugrulandyr.***

«Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýylynda ýaş nesilleriň bilim öwrenmegi üçin giň mümkinçilikler döredilýär. Elbetde, her bir ösüşiň, özgerişiň gözbaşy ylym-bilimdir. Hut şonuň üçin-de, her bir ýurtda bilimli-ylymly ýaşlaryň kemala gelmegi, bilim ulgamynyň ösmegi barada uly aladalar edilýär. Bu babatda Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan döwletimizde döredilýän giň mümkinçilikler biziň her birimizi buýsandyrýar. Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe amal edilýän beýik işler ýurdumyzda bilim ulgamynyň ileri tutulýan ugurlaryň biridigini görkezýär. Hormatly Prezidentimiz «Ýaşlar — Watanyň daýanjy» atly kitabynda şeýle belleýär: «Ýurdumyzda ilatyň, şol sanda ýaşlaryň hemmetaraplaýyn ösmegi, aýratyn hem, hünär bilimlerini almaklary babatda ähli şertleri, mümkinçilikleri döredýäris. Munuň üçin kämil mekdebe çenli çagalar edaralary, umumybilim berýän orta mekdepler, ýokary okuw mekdepleriniň täze binalary we beýleki hünär öwredilmegi bilen bagly döwrebap ymaratlar yzygiderli gurulýar».

Gahryman Arkadagymyzyň beýik başlangyçlaryny üstünlikli dowam edýän hormatly Prezidentimiziň taýsyz tagallalary netijesinde, ýurdumyzda ýaşlaryň halkara derejesine laýyk gelýän döwrebap bilim almaklary, giň gözýetimli, zehinli nesliň kemala gelmegi üçin ähli şertleriň döredilendigi halkymyzy buýsandyrýar. Şeýle-de bilim ulgamyndaky ösüşler ýurdumyzyň edara-kärhanalaryny zerur bolan ýokary derejeli hünärmenler bilen üpjün etmek mümkinçiligini döretdi. Şonuň ýaly-da, ýurdumyzda bilim özgertmelerini üstünlikli durmuşa geçirmekde netijeli çäreler amala aşyrylýar. «Türkmenistanda umumybilim maksatnamalary boýunça okatmagyň usulyýetini kämilleşdirmegiň 2028-nji ýyla çenli Konsepsiýasy» üstünlikli durmuşa geçirilýär. Bilim ulgamyndaky bu özgertmeler biz — bilim işgärleriniň öňünde hem uly borçlary goýýar. Netijeli işleri amala aşyrmakda her birimiz öz ornumyzda berk durup, halal zähmet çekip, Watanymyzyň ösüşlerine goşant goşmaga çalyşmalydyrys. Ýaş nesliň bilimli, berk bedenli, ýiti zehinli, dürli hünärlere höwesli bolup ýetişmekleri, mugallymlaryň yhlasly zähmet çekmekleri üçin ýokary mümkinçilikleri döredýän Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak bolsun!



**Jennet HATAMOWA,**
**Aşgabat şäherindäki 19-njy orta mekdebiň müdiri.**

## ÇAGA TERBIÝESINDE OÝUNLARYŇ ÄHMIÝETI

Mekdebe çenli çagalar edaralary bilim ulgamynda çagalara bilim-terbiýe bermegiň ilkinji hem-de iň wajyp basgançagy bolup durýar. Bu ýerde bellenen dersler boýunça işlenen ýörite okuw maksatnamalaryna laýyklykda, körpelere ilkinji düşünjeler berilýär, başarnyklary we endikleri kemala getirilýär. Bu işler çagalara terbiýe bermek bilen berk utgaşyklylykda alnyp barylýar. Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanyň ýaşajyk raýatlarynyň hemmetaraplaýyn ösen şahsyýetiniň kemala gelmeginiň düýbi tutulýar. Çagalaryň mekdepde üstünlikli okamagy üçin olaryň irki ösüş döwründen başlap alan bilimleriniň kesgitli derejede bolmagy talap edilýär. Şonuň üçin hem, guralýan her bir sapakda çagalaryň öň alan düşünjeleriniň üsti ýetirilýär. Şeýle hem olaryň sözleýiş dili ösdürilýär.

Mekdebe çenli ýaşly çagalarda oýun örän möhüm ähmiýete eýedir. Oýun olar üçin okuw, zähmet hem-de terbiýäniň möhüm serişdesidir. Mekdebe çenli ýaşly çagalar üçin oýun daş-töwerekdäki zatlara aň ýetirmegiň serişdesi bolup hyzmat edýär. Çaga eýýäm irki ösüş döwründen başlap, daş-töweregini gurşap alan tebigat bilen, deň-duşlary bilen aragatnaşykda bolmaga ymtylýar, ulularyň durmuşyna işjeň gatnaşasy gelýär. Çagalaryň oýunda daşky dünýäni suratlandyryp bilmegi oýnuň esasy aýratynlygy hasaplanýar. Oýun pursadynda çaganyň oýun oýnaýan ýeri — deňiz, çöl, uçar... we başga-da köp zatlar bolup biler. Oýun işiniň ýene bir aýratynlygy, onuň häsiýetiniň döredijilikliligidir. Çagalar ony ýüze çykaryjylar we gurujylardyr. Olar oýunda öz zehinlerini, ukyp-başarnyklaryny açyp görkezýärler.



Çagalar oýun oýnamagy halaýarlar. Sapagyň dowamynda birek-birek bilen sorag-jogap alyşmagy öwredýäris. Oýunda we oýnuň üsti bilen terbiýeçi çagalarda batyrlyk, dogruçyllyk, ugurtapyjylyk, çydamlylyk, sabyrlylyk, agraslyk ýaly häsiýetleri terbiýeläp biler.

Oýun — bu mekdepdir. Oýunda çaga adamlaryň tertip-düzgün kadalaryny işjeň we döredijilikli özleşdirýär. Oýunlara pedagogik taýdan dogry gözegçilik edilmegi zerurdyr. Oýun çagalara dogry täsir eder ýaly, çagalara nämäniň erbetdigini, nämäniň gowudygyny tapawutlandyrmagy öwretmeli. Terbiýeçi oýny beden terbiýesiniň serişdesi hökmünde hem ulanyp biler. Köp oýunlar işjeň hereketi talap edýär, gan aýlanyşygyny kadalaşdyrýar. Terbiýeçi oýun döwründe arassaçylygyň doly berjaý edilmegine üns bermelidir. Oýun çagalara gözellik terbiýesini bermekde hem ähmiýetlidir. Köp oýunlaryň mazmunyna çagalara tanyş bolan aýdymlar, tanslar, goşgular, tapmaçalar girýär. Bularyň ählisi terbiýeçä çagalaryň gözellik düşünjelerini çuňlaşdyrmaga ýardam edýär. Şeýlelikde, oýun çagalaryň hemmetaraplaýyn ösmeginiň we terbiýelenmeginiň serişdesi bolup durýar.

**Leýli ŞIROWA,**
**Kerki etrabyndaky 24-nji çagalar bakja-bagynyň terbiýeçisi.**

Usulyýet — sapagyň esasy

## SAPAKLARY TÄSIRLI GURAMAK

Ýurdumyzyň umumybilim berýän orta mekdeplerinde guralýan taryh sapaklarynda eziz Watanymyzyň şöhratly taryhyna, bagtyýar şu gününe söýgi döretmekde birnäçe gyzykly mowzuklar geçilýär. Döwrebap we işjeň usullardan, multimedia tagtasyndan peýdalanyp, taryhy wakalary okuwçylaryň aňyna ýetirmekde asylly işleri alyp barýarys.



12-nji synpda taryh dersinden «Ýaşlar syýasaty» diýen mowzuk geçilende ýurdumyzda hormatly Prezidentimiz tarapyndan Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanda alnyp barylýan ýaşlar syýasaty baradaky maglumatlar bilen okuwçylary giňişleýin tanyşdyrýarys.

«Ýaşlar barada döwlet syýasaty hakynda» Türkmenistanyň Kanuny ýurdumyzda alnyp barylýan ýaşlar syýasatynyň hukuk binýadyny pugtalandyrmaga hem-de ýaşlar üçin döredilýän mümkinçilikleri giňeltmäge ýardam edýär. Ýurdumyzyň ýaşlaryny hakyky watançylyk, ynsanperwerlik, ýokary ahlaklylyk, Watana we şöhratly taryhymyza, halkymyzyň medeniýetine, däpdessurlaryna, maşgala gymmatlyklaryna hormat goýmak ruhunda terbiýelemek, ylym-bilime höwesini artdyrmak ýaşlar baradaky döwlet syýasatynyň esasy ugry bolup durýar. Şu maksat bilen, ýaşlaryň döwrebap bilim almagy, zehinini ösdürmegi, hünär taýdan kämilleşmegi, giň dünýägaraýyşly, eziz Watanymyza wepaly şahsyýetler bolup ýetişmegi üçin ähli şertler döredilýär.

Ýaşlary halkymyzyň asylly däpleri esasynda terbiýelemek örän möhüm wezipeleriň biri hasaplanylýar. Ýaşlaryň ruhy-ahlak, medeni, aň-bilim, beden taýdan ösüşine uly ähmiýet berilýär. Ylymly-bilimli, sagdyn ýaşlar döwletimiziň mizemez güýjüdir, röwşen geljegidir.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe türkmen ýaşlarynyň gazanýan üstünlikleri barada taýýarlanan prezentasiýany multimedia tagtasynda okuwçylara görkezýäris. Ýaşlar ylmyň gazananlaryny özleşdirmäge işjeň gatnaşýarlar. Ýurdumyzyň mekdep okuwçylary we talyp ýaşlary abraýly halkara bäsleşiklerinde uly üstünlikleri gazanýarlar. Munuň özi döwletimizde ýaşlaryň okamagy, bilim almagy, hünär öwrenmegi üçin berk binýadyň döredilendigini aýdyň görkezýär.

Soňra okuwçylaryň arasynda täze taryhy döwrümiz, belli seneler we baýramçylyklarymyz boýunça bäsleşik guraýarys. Bu bäsleşikleriň üsti bilen olarda belli taryhy seneleri ýatda saklamak endiklerini kämilleşdirýäris.

Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň «Ýaşlar — Watanyň daýanjy» atly kitabyndan parasatly sözleri okap berip, eziz Diýarymyzda ösüp kemala gelýän ýaş nesil üçin edilýän tagallalar barada okuwçylara öwredýäris.

Sorag-jogap alyşmak arkaly geçilen mowzugy berkidýäris. Sapakda dersara baglanyşygy saklamak maksady bilen türkmen edebiýatynda ýaşlar mowzugyndan ýazylan çeper eserleriň atlaryny okuwçylardan soraýarys.

**Abdymurat AHMEDOW,**
**Köneürgenç etrabyndaky 2-nji orta mekdebiň mugallymy.**

# Belent üstünligiň gözbaşy

***Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiziň taýsyz tagallalary netijesinde ähli pudaklar bilen birlikde bilim ulgamyny kämilleşdirmekde hem döwlet derejesinde beýik işler alnyp barylýar. Watanymyzyň geljegi bolan ýaş nesle dünýä ülňülerine laýyk bilim, milli ruhda terbiýe bermek, olary berk bedenli, sagdyn ruhly, kämil şahsyýetler edip ýetişdirmek işi mekdebe çenli çagalar edaralaryndan başlanýar. Bu ugurda çagalar bakja-baglarynyň ýolbaşçylarynyň, terbiýeçileriniň, mugallymlarynyň üstüne uly jogapkärçilik düşýär.***

Mekdebe çenli çagalar edaralarynyň bilim işgärleriniň syýasy sowatlylygyny, hünär derejesini ýokarlandyrmakda hem-de pedagogik ussatlyklaryny kämilleşdirmekde pedagogik geňeşleriň we usuly okuwlaryň işiniň talabalaýyk guralmagy, döwrebap usullaryň ulanylmagy möhüm ähmiýete eýe bolýar.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe uzak möhletli milli maksatnamalaryň amala aşyrylmagynyň möhüm şerti hökmünde milli bilim ulgamynyň döwrebaplaşdyrylmagyna aýratyn ähmiýet berilýär. Bilimi, ylmy, tehnikany we tehnologiýany güýçli depginler bilen ösdürmek, okatmagyň has amatly we ýokary netijeli innowasion tehnologiýalaryny okuw-terbiýeçilik işlerine giňden ornaşdyrmak umumybilim maksatnamalary boýunça okatmagyň usulyýetini kämilleşdirmek arkaly ösüp gelýän ýaş nesle berilýän bilimiň hilini ýokarlandyrmak we mazmunyny yzygiderli baýlaşdyrmak möhüm wezipeler hökmünde öňde goýuldy.

Hormatly Prezidentimiz milli bilim ulgamyny ösdürmekde we döwrebaplaşdyrmakda giň mümkinçilikleri döredýär. Şundan ugur alyp, ösüp gelýän ýaş nesilde Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistana, merdana halkymyza, Gahryman Arkadagymyza hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyza çuňňur söýgini we wepalylygy terbiýelemek ýurdumyzyň bilim işgärleriniň baş maksady we wezipesidir.

Geçen ýylda bilim işgärleriniň we çagalar baglarynyň körpeleriniň arasynda geçirilen döredijilik bäsleşiklerinde uly üstünlikler gazanyldy. Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň şanly 35 ýyllygynyň dabaraly baýram ediljek şu ýyly hem uly zähmet üstünliklerine beslemegi maksat edinip, ýörite düzülen iş meýilnamalary esasynda okuw-terbiýeçilik işlerini ýokary hilli guraýarlar. Şeýle asylly işler belent üstünligiň berk binýady bolup durýar.




**Durna GURBANOWA,**
**Murgap etrap bilim bölüminiň hünärmeni.**

## Türkmenistanyň Goranmak ministrliginiň Harby-deňiz institutynyň ýokary hünär bilimine 2026-2027-nji okuw ýylynda okuwa kabul etmegiň

## TERTIBI

1. Türkmenistanyň Goranmak ministrliginiň Harby-deňiz institutynyň ýokary hünär bilimine Watana, Türkmenistanyň Prezidentine, Türkmenistanyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysyna wepaly, sagdyn pikirli, arassa ahlak sypatly, beden we ruhy taýdan sagdyn, degişli bilim maksatnamasyny özleşdirmäge ukyply we taýýarlykly, harby we hukuk goraýjy edaralaryň işgärlerine bildirilýän aýratyn talaplara laýyk gelýän we Harby-deňiz institutynda okamaga isleg bildiren, umumy orta bilimli, aşakda görkezilen ýaş derejelerine gabat gelýän Türkmenistanyň raýatlary giriş synaglarynyň netijeleri boýunça bäsleşik esasynda okuwa kabul edilýär:

1) orta bilimli, çagyryş boýunça harby gullugy geçen, harby gulluga meýletin girmäge isleg bildiren, ýaşy 24-den geçmedik erkek raýatlar;

2) Türkmenistanyň Goranmak ministrliginiň Ýöriteleşdirilen harby mekdeplerini tamamlan, ýaşy 25-den geçmedik erkek raýatlar;

3) harby gulluk ýa-da harby ýygnanyşyklar döwründe harby gulluk borçlaryny ýerine ýetirmek bilen baglanyşykly aradan çykanyň ogullary (süýtdeş doganlary), harby gullukdan boşadylyp ätiýaçlykda bolan, ýaşy 24-den geçmedik erkek raýatlar;

4) harby gullugy ýa-da harby ýygnanyşyklary geçen döwründe özleriniň harby gullugy geçmekleri bilen baglanyşykly maýyp bolanyň ýa-da ýaralanyp, synasyna şikes ýetip, seňse bolup kesele ýolukmagy netijesinde harby gullukdan boşan (harby ýygnanyşyklar tamamlanan) gününden soň bir ýylyň dowamynda aradan çykanyň ogullary (süýtdeş doganlary), harby gullukdan boşadylyp ätiýaçlykda bolan, ýaşy 24-den geçmedik erkek raýatlar;

5) borçnama boýunça harby gullugy geçýän harby gullukçylar, ýaşy 24-den geçmedik erkek raýatlar.

Dalaşgärleriň ýaş derejeleri 2026-njy ýylyň 1-nji sentýabryna çenli hasaplanylýar.

Harby-deňiz institutynda ýokary hünär biliminiň okuw möhleti 5 okuw ýyly.

2. Harby-deňiz institutynyň ýokary hünär biliminde okamaga isleg bildiren, şu Tertibiň 1-nji böleginde görkezilen talaplara laýyk gelýän dalaşgärler ýaşaýan ýerleri boýunça etraplaryň, etrap hukukly şäherleriň harby wekilleriniň adyna, 2026-njy ýylyň ýaz möwsüminde çagyryş boýunça harby gullugyny tamamlaýan çagyryş boýunça harby gullukçylar harby bölümiň serkerdesiniň adyna 2026-njy ýylyň 1-nji maýyna çenli arza ýazmaly.

3. Harby-deňiz institutynyň ýokary hünär bilimini almaga isleg bildiren dalaşgärlere bildirilýän umumy talaplara laýyk gelýän, Türkmenistanyň Ýaragly Güýçleriniň hatarynda borçnama boýunça harby gullugy geçýän, ýaşy 24-den geçmedik harby gullukçylar we Türkmenistanyň Goranmak ministrliginiň Ýöriteleşdirilen harby mekdeplerini tamamlap, çagyryş boýunça harby gullugy geçýän, ýaşy 25-den geçmedik harby gullukçylar Harby-deňiz institutynyň ýokary hünär okuwyna girmek barada özleriniň gönüden-göni serkerdelerine 2026-njy ýylyň 1-nji maýyna çenli habarnama ýazmaly.

4. Dalaşgärleriň arzasynyň (habarnamasynyň) ýanyna şu resminamalar goşulýar:

1) ata-enesiniň ýa-da olaryň ornuny tutýan adamlaryň, oglunyň harby gullukçy bolmagyna we Türkmenistanyň islendik çäginde gulluk etmegine razydygy baradaky dil haty (ata-enesi ýa-da olaryň ornuny tutýan adamlar Türkmenistanyň çäginde wagtlaýyn bolmadyk ýagdaýlarynda, Türkmenistanyň Döwlet migrasiýa gullugynyň ýerli edaralary tarapyndan berlen maglumat haty);

2) Türkmenistanyň raýatynyň pasportynyň nusgasy (eger-de dalaşgär raýatlyk pasportyny almadyk bolsa, Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň degişli bölüminden pasportyň resmileşdirilmändigi barada kepilnama);

3) Türkmenistanyň raýatynyň Türkmenistandan gitmek we Türkmenistana gelmek üçin pasportynyň nusgasy (eger-de bar bolsa);

4) bellenen nusgada doldurylan we harby wekillik ýa-da harby bölüm tarapyndan tassyklanan sowalnama hem-de terjimehal, hünärmen saýlawynyň kartasy;

5) harby şahadatnamasynyň nusgasy;

6) dogluş hakynda şahadatnamasynyň, nika baglaşylandygy hakynda şahadatnamasynyň, eger-de nikasy bozulan bolsa, nika bozulandygy hakynda şahadatnamasynyň tassyklanan nusgasy, nikada durmaýandygy hakynda kepilnama;

7) Harby-deňiz institutynyň ýokary hünär biliminde okamaga ýaramlylygyna kepil geçýän lukmançylyk kartasy (ýazgyda duran ýeri boýunça deri-wenerologiýa, inçekesel hassahanalaryndan hem-de neşekeşlik, arakhorluk we ruhy keseliniň öňüni alyş merkezlerinden kepilnama);

8) iň soňky okan, işlän ýa-da gulluk eden ýerinden häsiýetnama;

9) maşgala ýagdaýy barada kepilnama;

10) ata-enesiniň ýa-da olaryň ornuny tutýan adamlaryň iş ýerinden kepilnama (eger ata-enesi ýa-da olaryň ornuny tutýan adamlar işlemeýän bolsalar, olaryň işlemeýändikleri barada degişli etraplaryň, etrap hukukly şäherleriň harby wekilleriniň adyna ýazan dil hatlary);

11) zähmet depderçesiniň tassyklanan nusgasy;

12) bilim hakyndaky resminamasynyň (şahadatnamanyň, diplomyň) tassyklanan nusgasy, Türkmenistanyň Goranmak ministrliginiň Ýöriteleşdirilen harby mekdeplerini tamamlan dalaşgärleriň bilim hakyndaky resminamalarynyň asyl nusgasy;

13) harby wekillikde ýa-da harby bölümde geçirilen ilkinji synaglaryň bahalandyryş sanawnamasyndan göçürme;

14) harby wekilligiň ýa-da harby bölümiň synag toparynyň beýan ýazgysy;

15) özüniň we ýakyn garyndaşlarynyň (16 ýaşdan ululara) jenaýat jogapkärçiligine çekilendigi ýa-da çekilmändigi hakynda Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň Maglumatlar merkezinden talapnama;

16) 1 sany 9x12 ölçegde, 4 sany 4x6 ölçegde, 10 sany 3x4 ölçegde harby wekillik hem-de harby bölüm tarapyndan tassyklanan fotosurat;

17) ata-enesiniň ýa-da olaryň ornuny tutýan adamlaryň hem-de süýtdeş doganlarynyň şahsyýetini tassyklaýan resminamalarynyň nusgalary;

18) eger dalaşgäriň ýakyn garyndaşlaryndan aradan çykany bolsa, onda ölüm hakynda şahadatnamasynyň, ata-enesiniň ýa-da olaryň ornuny tutýan adamlaryň nikasy bozulan bolsa, nika bozulandygy hakynda şahadatnamasynyň tassyklanan nusgasy.

5. Harby-deňiz institutynyň ýokary hünär bilimini almaga isleg bildiren dalaşgärler bilen Türkmenistanyň orta mekdepleriniň okuw maksatnamalarynyň esasynda matematika, fizika, Türkmenistanyň taryhy dersleri boýunça giriş synaglary hem-de beden taýýarlygy (kadalary ýerine ýetirmek) boýunça goşmaça şertler kabul edilýär. Dersler boýunça giriş synaglary türkmen dilinde geçirilýär.

6. Dalaşgärler giriş synaglaryndan üstünlikli geçen ýagdaýynda, «Bilim hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň rejelenen görnüşinde kesgitlenen ýeňilliklerden peýdalanýarlar.

7. Türkmenistanyň Goranmak ministrliginiň Ýöriteleşdirilen harby mekdeplerini tamamlan raýatlaryň giriş synaglarynda gazanan umumy bahalary (ballary) beýleki dalaşgärleriň umumy bahalary (ballary) bilen deň gelen ýagdaýynda, olar bir baha (bal) ýeňillikden peýdalanýarlar.

8. Harby-deňiz institutynyň ýokary hünär bilimine okuwa kabul edilenler umumy ýaşaýyş jaýy (ýatakhana), harby egin-eşikler we okuw serişdeleri bilen üpjün edilýär. Olara günde üç wagtyna nahar berilýär hem-de Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen tertipde we möçberde talyp haklary tölenýär.

**Kabul ediş topary.**

## Türkmenistanyň Goranmak ministrliginiň Ýöriteleşdirilen harby-deňiz mekdebine 2026-2027-nji okuw ýylynda okuwa kabul etmegiň

## TERTIBI

1. Türkmenistanyň Goranmak ministrliginiň Ýöriteleşdirilen harby-deňiz mekdebine okuwa kabul etmek Ýöriteleşdirilen harby-deňiz mekdebinde okamaga isleg bildiren, 2026-njy ýylda Türkmenistanyň orta mekdepleriniň 8-nji synpyny tamamlan ýylynda 14-15 ýaşyny doldurýan, lukmançylyk barlagyndan geçen, sagdyn pikirli, beden taýdan sagdyn ýetginjek erkek raýatlaryň arasynda geçirilýär.

2. Ýöriteleşdirilen harby-deňiz mekdebiniň okuwynyň möhleti 4 okuw ýyly. Olarda okuwçylaryň okuw we harby terbiýeçilik sapaklary, gün tertibi, sapakdan daşary işleri, gündelik tabşyrykda gullugy alyp barmaklary, şeýle hem beden taýýarlygy we çuňlaşdyrylan başlangyç harby taýýarlygy bilen baglanyşdyrylyp alnyp barylýar.

3. Ýöriteleşdirilen harby-deňiz mekdebinde okamaga isleg bildiren okuwçylar 2026-njy ýylyň 1-nji maýyna çenli ýaşaýan ýerleri boýunça harby wekiliň adyna arza ýazýarlar.

Arzanyň ýanyna şu resminamalar goşulýar:

1) ata-enesiniň ýa-da olaryň ornuny tutýan adamlaryň oglunyň Ýöriteleşdirilen harby-deňiz mekdebine okuwa kabul edilmegi barada harby wekiliň adyna ýazan arzasy (ata-enesi ýa-da olaryň ornuny tutýan adamlaryň Türkmenistanyň çäginde wagtlaýyn bolmadyk ýagdaýlarynda, Türkmenistanyň Döwlet migrasiýa gullugynyň ýerli edaralary tarapyndan berlen maglumat haty bolmaly);

2) ata-enesiniň ýa-da olaryň ornuny tutýan adamlaryň şahsyýetini tassyklaýan resminamasynyň nusgasy;

3) bellenen nusgada doldurylan we harby wekillik tarapyndan tassyklanan sowalnama hem-de terjimehal;

4) dogluş hakynda şahadatnamasynyň «Administratiw önümçilik hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda tassyklanan nusgasy;

5) okaýan orta mekdebiniň 8-nji synpyndaky ýetişigi barada resminama (1-nji, 2-nji, 3-nji çärýeklerinden göçürme);

6) 6 sany 3x4, 4 sany 4x6, 2 sany 9x12 ölçegde, ýerli harby wekillik tarapyndan tassyklanan fotosurat;

7) okaýan orta mekdebinden häsiýetnama;

8) okaýan orta mekdebindäki şahsy işiniň mekdep müdiriniň möhüri bilen tassyklanylan nusgasy;

9) Ýöriteleşdirilen harby-deňiz mekdebinde okamaga ýaramlylygyna kepil geçýän lukmançylyk kartasy (ýazgyda duran ýeri boýunça inçekesel we deri-wenerologiýa hassahanalaryndan hem-de neşekeşligiň, arakhorlugyň we ruhy keselleriň öňüni alyş merkezlerinden degişli kepilnama) hem-de saglyk ýagdaýynyň ýaramlydygyny kesgitleýän dalaşgäriň ýaşaýan ýeri boýunça lukmanlar toparynyň barlagyndan geçirilendigi baradaky kepilnamasy;

10) keselleriň öňüni alyş sanjymlarynyň kartasynyň (№063/h görnüşli saglygy goraýyş resminamasynyň) göçürmesi;

11) ýaşaýan ýeri we maşgala ýagdaýy barada kepilnama;

12) eger dalaşgäriň ata-enesinden öleni bolsa, onda ölüm hakyndaky şahadatnamasynyň «Administratiw önümçilik hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda tassyklanan nusgasy.

4. Ýöriteleşdirilen harby-deňiz mekdebinde okamaga isleg bildiren dalaşgärlerden Türkmenistanyň orta mekdepleriniň 8-nji synpyna çenli okuw maksatnamasynyň çäklerinde dersler boýunça test ýumuşlaryny ýerine ýetirmek hem-de türkmen dili dersinden diktant kabul edilýär. Giriş synaglary türkmen dilinde geçirilýär.

5. Ýöriteleşdirilen harby-deňiz mekdebinde okuwa kabul edilen okuwçylar umumy ýaşaýyş jaýy (ýatakhana), harby egin-eşikler we okuw serişdeleri bilen üpjün edilýär. Olara günde dört wagtyna nahar berilýär.

**Kabul ediş topary.**

## Türkmenistanyň Goranmak ministrliginiň Harby-deňiz institutynyň orta hünär bilimine 2026-2027-nji okuw ýylynda okuwa kabul etmegiň

## TERTIBI

1. Türkmenistanyň Goranmak ministrliginiň Harby-deňiz institutynyň orta hünär bilimine Watana, Türkmenistanyň Prezidentine, Türkmenistanyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysyna wepaly, sagdyn pikirli, arassa ahlak sypatly, beden we ruhy taýdan sagdyn, degişli bilim maksatnamasyny özleşdirmäge ukyply we taýýarlykly, harby we hukuk goraýjy edaralaryň işgärlerine bildirilýän aýratyn talaplara laýyk gelýän we Harby-deňiz institutynyň orta hünär bilimini almaga isleg bildiren, umumy orta bilimli, aşakda görkezilen ýaş derejelerine gabat gelýän Türkmenistanyň raýatlary giriş synaglarynyň netijeleri boýunça bäsleşik esasynda okuwa kabul edilýär:

1) orta bilimli, çagyryş boýunça harby gullugy geçen, harby gulluga meýletin girmäge isleg bildiren, ýaşy 24-den geçmedik erkek raýatlar;

2) Türkmenistanyň Goranmak ministrliginiň Ýöriteleşdirilen harby mekdeplerini tamamlap, çagyryş boýunça harby gullugy geçen ýa-da çagyryş boýunça harby gullugy 12 aýdan köp gulluk eden, ýaşy 25-den geçmedik erkek raýatlar;

3) harby gulluk ýa-da harby ýygnanyşyklar döwründe harby gulluk borçlaryny ýerine ýetirmek bilen baglanyşykly aradan çykanyň ogullary (süýtdeş doganlary), harby gullukdan boşadylyp ätiýaçlykda bolan, ýaşy 24-den geçmedik erkek raýatlar;

4) harby gullugy ýa-da harby ýygnanyşyklary geçen döwründe özleriniň harby gullugy geçmekleri bilen baglanyşykly maýyp bolanyň ýa-da ýaralanyp, synasyna şikes ýetip, seňse bolup kesele ýolukmagy netijesinde harby gullukdan boşan (harby ýygnanyşyklar tamamlanan) gününden soň bir ýylyň dowamynda aradan çykanyň ogullary (süýtdeş doganlary), harby gullukdan boşadylyp ätiýaçlykda bolan, ýaşy 24-den geçmedik erkek raýatlar;

Dalaşgärleriň ýaş derejeleri 2026-njy ýylyň 1-nji sentýabryna çenli hasaplanylýar.

Harby-deňiz institutynyň orta hünär biliminiň okuw möhleti 2 okuw ýyly.

2. Harby-deňiz institutynyň orta hünär biliminde okamaga isleg bildiren, şu Tertibiň 1-nji böleginde görkezilen talaplara laýyk gelýän dalaşgärler ýaşaýan ýerleri boýunça etraplaryň, etrap hukukly şäherleriň harby wekilleriniň adyna, 2026-njy ýylyň ýaz möwsüminde çagyryş boýunça harby gullugyny tamamlaýan, ýaşy 24-den geçmedik we Türkmenistanyň Goranmak ministrliginiň Ýöriteleşdirilen harby mekdeplerini tamamlap, çagyryş boýunça harby gullugy geçen ýa-da çagyryş boýunça harby gullugy 12 aýdan köp gulluk eden, ýaşy 25-den geçmedik çagyryş boýunça harby gullukçylar harby bölümiň serkerdesiniň adyna 2026-njy ýylyň 1-nji maýyna çenli arza ýazmaly.

3. Dalaşgärleriň arzasynyň (habarnamasynyň) ýanyna şu resminamalar goşulýar:

1) ata-enesiniň ýa-da olaryň ornuny tutýan adamlaryň oglunyň harby gullukçy bolmagyna we Türkmenistanyň islendik çäginde gulluk etmegine razydygy baradaky dil haty (ata-enesi ýa-da olaryň ornuny tutýan adamlar Türkmenistanyň çäginde wagtlaýyn bolmadyk ýagdaýlarynda, Türkmenistanyň Döwlet migrasiýa gullugynyň ýerli edaralary tarapyndan berlen maglumat haty);

2) Türkmenistanyň raýatynyň pasportynyň nusgasy (eger-de dalaşgär raýatlyk pasportyny almadyk bolsa, Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň degişli bölüminden pasportyň resmileşdirilmändigi barada kepilnama);

3) Türkmenistanyň raýatynyň Türkmenistandan gitmek we Türkmenistana gelmek üçin pasportynyň nusgasy (eger-de bar bolsa);

4) bellenen nusgada doldurylan we harby wekillik ýa-da harby bölüm tarapyndan tassyklanan sowalnama we terjimehal, hünärmen saýlawynyň kartasy;

5) harby şahadatnamasynyň nusgasy;

6) dogluş hakynda şahadatnamasynyň, nika baglaşylandygy hakynda şahadatnamasynyň, eger-de nikasy bozulan bolsa, nika bozulandygy hakynda şahadatnamasynyň tassyklanan nusgasy, nikada durmaýandygy hakynda kepilnama;

7) Harby-deňiz institutynyň orta hünär bilimi boýunça okamaga ýaramlylygyna kepil geçýän lukmançylyk kartasy (ýazgyda duran ýeri boýunça deri-wenerologiýa, inçekesel hassahanalaryndan hem-de neşekeşlik, arakhorluk we ruhy keseliniň öňüni alyş merkezlerinden kepilnama);

8) iň soňky okan, işlän ýa-da gulluk eden ýerinden häsiýetnama;

9) maşgala ýagdaýy barada kepilnama;

10) ata-enesiniň ýa-da olaryň ornuny tutýan adamlaryň iş ýerinden kepilnama (eger ata-enesi ýa-da olaryň ornuny tutýan adamlar işlemeýän bolsalar, olaryň işlemeýändikleri barada degişli etraplaryň, etrap hukukly şäherleriň harby wekilleriniň adyna ýazan dil hatlary);

11) zähmet depderçesiniň tassyklanan nusgasy;

12) bilim hakyndaky resminamasynyň (şahadatnamanyň, diplomyň) tassyklanan nusgasy, Türkmenistanyň Goranmak ministrliginiň Ýöriteleşdirilen harby mekdeplerini tamamlan dalaşgärleriň bilim hakyndaky resminamalarynyň asyl nusgasy;

13) harby wekillikde ýa-da harby bölümde geçirilen ilkinji synaglaryň bahalandyryş sanawnamasyndan göçürme;

14) harby wekilligiň ýa-da harby bölümiň synag toparynyň beýan ýazgysy;

15) özüniň we ýakyn garyndaşlarynyň (16 ýaşdan ululara) jenaýat jogapkärçiligine çekilendigi ýa-da çekilmändigi hakynda Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň Maglumatlar merkezinden talapnama;

16) 1 sany 9x12 ölçegde, 4 sany 4x6 ölçegde, 10 sany 3x4 ölçegde harby wekillik hem-de harby bölüm tarapyndan tassyklanan fotosurat;

17) ata-enesiniň ýa-da olaryň ornuny tutýan adamlaryň hem-de süýtdeş doganlarynyň şahsyýetini tassyklaýan resminamalarynyň nusgalary;

18) eger dalaşgäriň ýakyn garyndaşlaryndan aradan çykany bolsa, onda ölüm hakynda şahadatnamasynyň, ata-enesiniň ýa-da olaryň ornuny tutýan adamlaryň nikasy bozulan bolsa, nika bozulandygy hakynda şahadatnamasynyň tassyklanan nusgasy.

4. Harby-deňiz institutynyň orta hünär bilimini almaga isleg bildiren dalaşgärler bilen Türkmenistanyň orta mekdepleriniň okuw maksatnamalarynyň esasynda matematika, Türkmenistanyň taryhy dersleri hem-de beden taýýarlygy (kadalary ýerine ýetirmek) boýunça giriş synaglary kabul edilýär. Dersler boýunça giriş synaglary türkmen dilinde geçirilýär.

5. Giriş synaglarynyň guralyşynyň, orta hünär okuw mekdebine seçip almagyň we kabul etmegiň tertibi hem-de beýleki şertler okuwa kabul etmek boýunça Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň degişli orunbasary tarapyndan tassyklanýan tertibe laýyklykda kesgitlenýär.

6. Dalaşgärler giriş synaglaryndan üstünlikli geçen ýagdaýynda, «Bilim hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň rejelenen görnüşinde kesgitlenen ýeňilliklerden peýdalanýarlar.

7. Türkmenistanyň Goranmak ministrliginiň Ýöriteleşdirilen harby mekdeplerini tamamlan raýatlaryň giriş synaglarynda gazanan umumy bahalary (ballary) beýleki dalaşgärleriň umumy bahalary (ballary) bilen deň gelen ýagdaýynda, olar bir baha (bal) ýeňillikden peýdalanýarlar.

8. Harby-deňiz institutynyň orta hünär bilimine okuwa kabul edilenler umumy ýaşaýyş jaýy (ýatakhana), harby egin-eşikler we okuw serişdeleri bilen üpjün edilýär. Olara günde üç wagtyna nahar berilýär hem-de Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen tertipde we möçberde talyp haklary tölenýär.

**Kabul ediş topary.**

XXI ASYR BILIM, YLYM ASYRYDYR
MUGALLYMLAR GAZETI
ESASLANDYRYJYSY — TÜRKMENISTANYŇ MINISTRLER KABINETI

Baş redaktor
Söhbet NURBERDIÝEW

BIZIŇ SALGYMYZ:
Aşgabat şäheri, Garaşsyzlyk şaýoly-100, Türkmenbaşynyň erkin döredijilik mekany.

TELEFONLARYMYZ:
kabulhana — 38-61-53; jogapkär kätip — 39-96-40.
E-mail: mugallymlar-gazeti@sanly.tm
BÖLÜMLER:
syýasat — 39-96-39; milli miras we edebiýat — 39-96-45; orta bilim we terbiýeçilik işi — 39-96-47; ylym, ýokary we ýörite orta okuw mekdepleri — 39-96-42; habarçy hatlar — 39-96-48; kompýuter merkezi — 39-96-43; faks — 38-61-45.

Gazeti elektron görnüşde «turkmenmetbugat.gov.tm» we «metbugat.gov.tm» internet sahypalaryndan hem-de «Türkmenmetbugat» mobil goşundysyndan okap bilersiňiz.

Gazet hepdäniň duşenbe, çarşenbe günleri çykýar.

SANY - 18400.

Bahasy 30 teňňe.

Indeksi — 69452. Gazetiň asyl nusgasy Hojalyk hasaplaşygyndaky redaksion birleşigiň Kompýuter merkezinde taýýarlanyldy. Gazet Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Ölçegi A2, möçberi 2 ç.k. A-118068

Redaksiýa gelen golýazmalar yzyna gaýtarylmaýar, olara jogap we syn berilmeýär. Gazetiň çap edilişiniň hiline Metbugat merkezi jogap berýär. Telefony: 39-95-36.